# Ýerim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýerim ÝERIM

Synasy gan bilen, gara der bilen,
hem ak säher bilen eýlenen, ýerim.
Düňle sähra bilen, takyr-gyr bilen,
hem teşnelik bilen saýlanan, ýerim.

Kalbyma siňendir ýazyň ýylysy,
Beýnimi bekitdi güýzüň ýylysy,
Seniň baýdak boýly gyzyň ýylysy,
Ýüregmi ýakanda oýlanan, ýerim.

Içeýin ak süýde garyp gandyňy,
Ýuwutmaryn lebiz bilen antymy,
Ene süýdi bilen ata pendini,
Gursagyma guýup aýlanan, ýerim.

Öwülsin, goý, ene ýerim öwülsin,
Säheriň çygyna ýüzüm ýuwulsyn,
Sende açylan göz sende ýumulsyn,
Eşretli döwrandan paý alan, ýerim.

Ýylgaý DURDYÝEW. Goşgular